# Meniñ öýüm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Meniñ öýüm MENIÑ ÖÝÜM

Atammy ýa atamyñam atasy,
Bu öýi gurupdyr şolaryñ biri.
Ynha indi maña miras galdy ol,
Bir teññelik öýüm bar,
Müñ teññelik höziri!

Töwerekde bezemen jaý köpelýär,
Birisi mermerden, ak daşdan biri.
Ýöne özümiñki gözüme yssy,
Bir teññelik öýüm bar,
Müñ teññelik höziri!

«Öýüñ horaşaja ekeni» diýip,
Kemsitmekçi bolsa eger-de biri.
Diýerin: «Horaşa bolsa-da, halal,
Bir teññelik öýüm bar,
Müñ teññelik höziri!»

Tomus yssylamda, gyşda üşämde,
Eýe çykmaz özge öýleriñ biri.
Özümiñki welin bagryna basýar,
Bir teññelik öýüm bar,
Müñ teññelik höziri!

Maşgalam şu öýde kökün ýaýradyp,
Özüm gezip ýörsem jahanda diri,
Heran-haçan meniñ diýjegim hakdyr:
«Bir teññelik öýüm bar,
Müñ teññelik höziri!»

■ HOŞ SÖZ

*«Mylaýym sen bolsañ, guluñ bolaýyn».*

*Magtymguly.*

Hoş söz gyzyldan-da gymmatdyr belki,
Mylaýym, hoş sözli bolalyň, geliň!
Geçmişde hoş sözli hany bar halky
Uruşlar sowulup geçipdir telim!

Dil bir misli baş bermeýän sarç bedew,
Käte alyp gaçar, käte-de ýykar.
Münüş öwretmeseň, bermeseň edep,
Ähli at-abraýyň soňuna çykar!

Dil gulp kimin saklap başarar syry,
Açyp bolmaz hiç bir açar bilen-de.
Kän bolupdyr diliň kesilen ýeri,
Syr saklaýşy ýabygorly bolanda,

Dil äşgär eýleýär aňyň güýjüni –
Biziň neneň-niçik adamdygmyzy.
Zäherden ajyjy, baldan süýjimi
Unutmalyň dilden dadandygmyzy.

Ömri kertýän ýaman sözi goýalyň,
Mylaýymlyk gödeklikden oňatdyr.
Geliň bir-birege hoş söz diýeliň,
Ýerin bilip diýlen hoş söz sowgatdyr!

Hemra ŞIROW. Goşgular